# Ýazmaly wagtyñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýazmaly wagtyñ ÝAZMALY WAGTYÑ

***Şahyr Amanmyrat Bugaýewe***

Püre-pürlär akyl käsäñ kyrkda,
Indi besdir, gezdiñ gezmeli wagtyñ.
Heniz öñde orta ýaş bar, gorp bar,
Geldi gaýnap-gaýnap ýazmaly wagtyñ.

Ýañyja-da «garaja oglan» diýerdik,
Bir-birege diñe daýy, ýegendik,
Şahyr bolup orta çykdyk, begendik,
Geldi küküräp-küküräp gyzmaly wagtyñ.

Il danadyr, tanar ýagşy-ýamany,
Ýaryşda öwülmez atyñ çamany,
Boguber şygyrdan elwan çemeni,
Geldi özgäñ derdin syzmaly wagtyñ.

Ýar ýaryñ söýgüsin okar gözünden,
Şahyrlar şahyry tanar gözünden,
Ýetip bolmaz, geçen göçüñ yzyndan,
Gelendir janyña dözmeli wagtyñ.

Bolsun il arzuwy maksat-myradyñ,
Şygryñy dost saýsyn ýakynyñ-ýadyñ,
Buganyñ dogmasy Amanmyradym,
Geldi ýaryş gurap, ozmaly wagtyñ.

Ýylgaý DURDYÝEW.

«Garagum» žurnaly, 10/1992 ý. Goşgular